Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 6-njy martynda 633 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky № 12-Ö buýrugy bilen tassyklandy

# Täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 19

# „PEÝDADAN ALYNÝAN SALGYTLAR“

**Mazmuny** **Bölümleriň №**


Umumy düzgünler ...........................................................1-5
Kesgitlemeler .................................................................6
Salgyt borçnamalaryny we salgyt aktiwlerini ykrar etmek..........7-26
Gündelik we gaýra goýlan salgyda baha bermek we ony ykrar etmek........................................................ 27-40
Maglumaty açmak ..........................................................41-44
Güýje girýän senesi .........................................................45


## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standartyň maksady peýdadan alynýan salgytlary hasaba almagyň tertibini kesgitlemek bolup durýar. Peýdadan alynýan salgytlary hasaba almagyň baş meselesi gündelik we geljekki salgyt netijelerini nähili hasaba almalydygyndan, ýagny:

a) kärhananyň maliýe ýagdaýy barada hasabatynda ykrar edilýän aktiwleriň (borçnamalaryň) balans gymmatynyň geljekde öwezini dolmak (üzmek) görnüşinde; we

b) kärhananyň maliýe hasabatlylygynda ykrar edilýän amallar we häzirki döwrüň beýleki wakalary hökmünde ykrar etmek görnüşinde hasaba alynmalydygyndan ybaratdyr.

2. Şu standart peýdadan alynýan salgytlar hasaba alnanda ulanylmalydyr.

3. Şu standartyň maksatlary üçin peýdadan alynýan salgytlar salgyt salynýan peýdalara esaslanýan ähli milli we daşary ýurt salgytlaryny öz içine alýar. Şeýle hem, peýdadan alynýan salgyt hökmünde çeşmeden tutulyp alynýan, golçur, assosirlenen kärhana tarapyndan ýa-da bilelikdäki işiň çäklerinde hasabat berýän kärhananyň peýdasyna paýlanýan pul möçberlerinden tölenýän peýdadan alynýan salgyt hökmündäki salgytlary öz içine alýar.

4. Eger aktiwleriň (borçnamalaryň) balans gymmatynyň öweziniň dolunmagynyň ýa-da üzülmeginiň, eger şunuň ýaly öwezini dolmagyň ýa-da üzmegiň hiç hili salgyt netijeleri bolmadyk ýagdaýynda kesgitlenip biljek ululyk

bilen deňeşdirilende, geljekki salgyt tölegleriniň ululygynyň artmagyna (azalmagyna) getirmek ähtimallygy bar bolsa, şu standart kärhananyň gaýra goýlan salgyt borçnamasyny (gaýra goýlan salgyt aktiwini) belli bir kadadan çykmalaryň çäkli möçberi bilen ykrar etmegi talap edýär.

5. Şeýle hem şu standart peýdalanylmadyk salgyt ýitgilerinden ýa-da peýdalanylmadyk salgyt ýeňilliklerinden ýüze çykýan, gaýra goýlan salgyt aktiwleriniň ykrar edilmegine, peýdadan alynýan salgytlaryň maliýe hasabatlylygynda görkezilişine we peýdadan alynýan salgytlara degişli maglumatlaryň açylyşyna degişlidir.

## KESGITLEMELER

6. Şu standartda şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Buhgalterçilik peýdasy** – bu salgyt boýunça çykdajylar aýrylmazyndan öňki döwürdäki peýda ýa-da ýitgi.

**Salgyt salynýan peýda (salgyt ýitgi)** – bu peýdanyň (ýitginiň) Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenilýän kadalara laýyklykda kesgitlenilýän, ol babatynda peýdadan alynýan salgydyň tölenýän (öwezi dolunýan) pul möçberidir.

**Salgyt boýunça çykdajy (salgyt boýunça girdeji) –** bu gündelik we gaýra goýlan salgyt babatynda şol döwrüň peýdasynyň ýa-da ýitgisiniň hasaplamalaryna goşulan jebisleşdirilen pul möçberidir.

**Gündelik salgytlar** – şol döwürde salgyt salynýan peýda (salgyt salnanda hasaba alynan ýitgi) babatynda tölenýän (öwezi dolunýan) peýdadan alynýan salgydyň pul möçberidir.

**Gaýra goýlan salgyt borçnamalary** – bu salgyt salynýan wagtlaýyn tapawutlar babatynda geljek döwürlerde tölenmäge degişli peýdadan alynýan salgydyň pul möçberidir.

**Gaýra goýlan salgyt aktiwleri –** peýdadan alynýan salgytlaryň pul möçberi, olar aşakdakylar babatynda geljek döwürlerde öwezi dolunmaga degişlidir:

a) aýrylýan wagtlaýyn tapawutlar;
b) soňa geçirilen peýdalanylmadyk salgyt ýitgileri;
ç) soňa geçirilen peýdalanylmadyk salgyt karzlary.

**Wagtlaýyn tapawutlar –** bu aktiwiň ýa-da borçnamanyň balans gymmaty bilen olaryň salgyt özeniniň arasyndaky tapawutdyr. Wagtlaýyn tapawutlar:

a) salgyt salynýan wagtlaýyn tapawutlar, ýagny, aktiwiň ýa-da borçnamanyň balans gymmatynyň öwezi dolunýan ýa-da üzülýän geljekki döwürlerde salgyt salynýan peýda (salgyt ýitgi) kesgitlenende salgyt salynýan pul möçberleriniň döremegine getirjek wagtlaýyn tapawutlar; ýa-da

b) aýrylýan wagtlaýyn tapawutlar, ýagny, olaryň netijeleri aktiwiň ýa-da borçnamanyň balans gymmatynyň öwezi dolunýan ýa-da üzülýän geljekki döwürlerde salgyt salynýan peýda (salgyt ýitgi) kesgitlenende aýyrmalar bolup durýan wagtlaýyn tapawutlar bolup biler.

**Aktiwiň ýa-da borçnamanyň salgyt özeni –** salgyt maksatlary üçin aktiwe ýa-da borçnama degişli edilýän pul möçberi.

**Aktiwiň salgyt özeni –** bu aktiwiň balans gymmatynyň öwezi dolunanda kärhananyň aljak, salgyt salynýan islendik ykdysady peýdalaryndan salgyt salmak maksatlary üçin aýryljak pul möçberidir. Eger bu ykdysady peýdalara salgyt salynmaýan bolsa, aktiwiň salgyt özeni onuň balans gymmatyna deň bolar.

**Borçnamanyň salgyt özeni** geljek döwürlerde bu borçnama babatynda salgyt salmak maksatlary üçin aýryljak islendik pul möçberini aýyrmak bilen, onuň balans gymmatyna deňdir. Hakujy hökmünde alnan düşewünt bolan ýagdaýynda ýüze çykýan borçnamanyň salgyt özeni geljek döwürlerde salgyt salynmajak düşewündiň islendik pul möçberini aýyrmak bilen, onuň balans gymmatyna deň bolar.

## SALGYT BORÇNAMALARYNY WE SALGYT AKTIWLERINI YKRAR ETMEK

7. Şu we geljekki döwürleriň gündelik salgytlary tölenmedik pul möçberine deň bolan borçnama hökmünde ykrar edilmelidir. Eger şu we geljek döwürler babatynda eýýäm tölenen pul möçberi şol döwürlerde tölenmäge degişli pul möçberinden ýokary bolsa, onda ýokary bolan ululyk aktiw hökmünde ykrar edilmelidir.

8. Salgyt ýitgisi bilen baglanyşykly, oňki döwrüň gündelik salgydynyň öwezini dolmak üçin geçen döwre geçirilip bilinjek peýda aktiw hökmünde ykrar edilmelidir.

### Gaýra goýlan salgyt borçnamalaryny ykrar etmek

9. Gaýra goýlan salgyt borçnamasy salgyt salynýan ähli wagtlaýyn tapawutlar babatynda ykrar edilmäge degişlidir, gaýra goýlan salgyt borçnamasynyň:

a) gudwili ilkibaşda ykrar etmek; ýa-da

b) aktiwiň ýa-da borçnamanyň:

kärhanalaryň birleşmegi bolup durmaýan amalda; we

amalyň geçirilen pursatynda buhgalterçilik peýdasyna hem, salgyt salynýan peýda (salgyt ýitgisine) hem täsir etmeýän ýagdaýynda ilkibaşda ykrar edilmegi bilen baglanyşykly ýüze çykýan ýagdaýlary muňa girmeýär.

10. Aktiwi ykrar etmegiň özünde onuň balans gymmatynyň kärhananyň geljek döwürlerde aljak ykdysady peýdalary görnüşindäki geljekki öwezi dolmalary goýlandyr. Aktiwiň balans gymmatynyň onuň salgyt özeninden ýokary bolan mahalynda, salgyt salynýan ykdysady peýdalaryň pul möçberi salgyt salmak maksatlary üçin aýyrmaga rugsat edilýän ululykdan ýokary bolar. Bu tapawut salgyt salynýan wagtlaýyn tapawut bolup durýar, geljek döwürlerde ýüze çykýan peýdadan alynýan salgydy tölemek borjy bolsa, gaýra goýlan salgyt borçnamasy bolup durýar. Kärhananyň aktiwiň balans gymmatynyň öwezini doluşyna görä, salgyt salynýan wagtlaýyn tapawut dikeldiler we kärhanada salgyt

salynýan peýda ýüze çykar. Bu bolsa ykdysady peýdalaryň salgyt tölegleri görnüşinde kärhanadan gitmek ähtimallygyny döreder. Şeýlelikde, şu standart gaýra goýlan ähli salgyt borçnamalarynyň ykrar edilmegini talap edýär.

11. Käbir wagtlaýyn tapawutlar girdejiniň ýa-da çykdajynyň bir döwürde buhgalterçilik peýdasynyň düzümine, beýleki döwürde bolsa salgyt salynýan peýda goşulan ýagdaýynda peýda bolýar. Şunuň ýaly wagtlaýyn tapawutlar köplenç möhletli tapawutlar diýlip atlandyrylýar.

12. Aşakda salgyt salynýan bolup durýan we şeýlelikde, gaýra goýlan salgyt borçnamalarynyň ýüze çykmagyna getirýän wagtlaýyn tapawutlarynyň mysallary getirilýär:

a) göterim möçberi wagta görä deň ölçeglilik esasynda buhgalterçilik peýda goşulýar, ýöne käbir ýurisdiksiýalarda pul serişdeleri alnan mahalynda salgyt salynýan peýda goşulyp bilner. Şunuň ýaly düşewünt babatynda maliýe hasabatlylygynda ykrar edilýän islendik salgyt salynýan peýdanyň salgyt özeni nola deňdir, sebäbi, düşewünt pul serişdeleri alynýança salgyt salynýan peýda täsir etmeýär;

b) salgyt salynýan peýda (salgyt ýitgisi) kesgitlenende peýdalanylýan ulanyş tutumy buhgalterçilik peýda üçin peýdalanylýandan tapawutlanyp biler. Wagtlaýyn tapawut – bu aktiwiň balans gymmaty bilen onuň salgyt özeniniň arasyndaky tapawut bolup, bu tapawut häzirki we geçen döwürleriň salgyt salynýan peýdasy kesgitlenende Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bu aktiw babatynda rugsat edilen ähli aýyrmalary hasaba almak bilen, aktiwiň ilkibaşky gymmatyna deňdir. Salgyt salynýan wagtlaýyn tapawut salgyt salynýan ulanyş tutumynyň çalt hasaplanyp ýazylýan wagtynda gaýra goýlan salgyt borçnamasynda ýüze çykýar we şonda aňladylýar (eger salgyt salynýan ulanyş tutumy hasaba alynýan ulanyş tutumyna görä haýal hasaplanyp ýazylýan bolsa, onda aýrylýan wagtlaýyn tapawut peýda bolýar, bu bolsa gaýra goýlan salgyt aktiwinde aňladylýar); we

ç) işläp taýýarlamalar üçin harajatlar geljek döwürleriň dowamynda maýalaşdyrylyp we ondan ulanyş tutumy alnyp bilner, ýöne olaryň ýüze çykan döwründe salgyt salynýan peýda kesgitlenende aýrylyp bilner. Işläp taýýarlamalar üçin şunuň ýaly harajatlaryň salgyt salynýan peýdadan eýýäm aýrylandygy sebäpli, olaryň nola deň bolan salgyt özeni bolýar. Wagtlaýyn tapawut - bu işläp taýýarlamalar üçin harajatlaryň balans gymmaty bilen olaryň salgyt özeniniň arasyndaky nola deň bolan tapawutdyr.

13. Maliýe hasabatlylygynyň milli standartlary belli bir aktiwleri olaryň adalatly gymmaty boýunça hasaba almaga ýa-da olara gaýtadan baha bermäge rugsat edýär ýa-da ony talap edýär ("Esasy serişdeler", "Maddy däl aktiwler", "Maliýe gurallary" we "Maýa goýum emlägi"). Aktiwe gaýtadan baha bermek we gaýtadan hasaplamak gaýtadan berilýän baha we gaýtadan hasaplanylýan döwürde salgyt salynýan peýda täsir etmeýär, diýmek, aktiwiň salgyt özenine düzediş girizilmeýär. Şeýle-de bolsa, balans gymmatynyň geljekde öweziniň dolunmagy kärhana üçin salgyt salynýan ykdysady peýdalaryň gelip gowuşmalarynda ýüze çykyp biler we salgyt salmak maksatlary üçin aýrylýan pul möçberi bu ykdysady peýdalaryň pul möçberinden tapawutlanar. Gaýtadan baha

berlen aktiwiň balans gymmaty bilen onuň salgyt özeniniň arasyndaky tapawut wagtlaýyn tapawudy emele getirýär we gaýra goýlan salgyt borçnamasyny ýa-da aktiwini döredýär. Bu bolsa:

a) kärhananyň aktiwi satmak maksady ýok bolmasa-da adalatlydyr. Şeýle ýagdaýlarda aktiwiň gaýtadan baha berlen balans gymmatynyň öwezi ony peýdalanmak arkaly dolunar, bu bolsa geljek döwürlerde salgyt salmak maksatlary üçin ýol berilýän ulanyş tutumyndan ýokary bolan salgyt salynýan girdejini döreder;

b) aktiwi ýerlemekden alnan düşewünt şoňa meňzeş aktiwlere maýa goýuma gönükdirilen bolsa, maýanyň artýan möçberine salynýan salgyt gaýra goýlan salgyt bolýar. Şeýle ýagdaýlarda salgyt, ahyrsoňunda, şoňa meňzeş aktiwler ýerlenende ýa-da peýdalanylanda tölenmelidir.

**Gaýra goýlan salgyt aktiwlerini ykrar etmek**

14. Gaýra goýlan salgyt aktiwi onuň ýerine aýrylýan wagtlaýyn tapawut peýdalanylyp bilinjek salgyt salynýan peýdany almak ähtimallygy bar bolanda aýrylýan wagtlaýyn tapawutlarynyň ählisi üçin ykrar edilmelidir, eger-de gaýra goýlan aktiw, aktiwiň ýa-da borçnamanyň ilkibaşda ykrar edilmegi bilen baglanyşykly:

a) kärhanalary birleşdirmek bolup durmaýan;

b) geleşigiň geçirilen pursatynda buhgalterçilik peýdasyna hem, salgyt salynýan peýda hem (salgyt ýitgisi) täsir etmeýän geleşikler bilen baglanyşykly ýüze çykýan bolsa.

15. Borçnamanyň ykrar edilmeginiň özi balans gymmatynyň geljek döwürlerde kärhananyň özünde ykdysady peýdalary jemleýän serişdeleriniň kärhanadan gitmegi arkaly üzüljekdigini göz öňünde tutýar. Serişdeleriň kärhanadan gitmek hereketiniň barşynda ähli pul möçberleri ýa-da olaryň bir bölegi borçnamanyň ykrar edilýän döwrüne garanyňda has soňraky döwrüň salgyt salynýan peýdasy kesgitlenende aýrylmaga degişli bolup biler. Şeýle ýagdaýlarda borçnamanyň balans gymmaty bilen salgyt özeniniň arasynda wagtlaýyn tapawut bolýar. Degişlilikde, peýdadan alynýan salgyt babatynda gaýra goýlan salgyt aktiwi ýüze çykýar, onuň öwezi geljek döwürlerde, salgyt salynýan peýda kesgitlenende borçnamanyň bu bölegini aýyrmaga rugsat edilýän mahalynda dolunar. Edil şonuň ýaly, eger aktiwiň balans gymmaty onuň salgyt özeninden az bolsa, tapawut peýdadan alynýan salgytlar babatynda gaýra goýlan aktiwi döredýär, bu salgytlaryň öwezi bolsa geljek döwürlerde dolunýar.

16. Aşakda gaýra goýlan salgyt aktiwleriniň peýda bolmagyna alyp barýan, aýrylýan wagtlaýyn tapawutlarynyň mysallary getirilýär:

a) baha berilýän gorlary döretmek boýunça çykdajylar buhgalterçilik peýda kesgitlenende aýrylyp bilner, ýöne salgyt salynýan peýda kesgitlenende olar baha berilýän gorlary döretmäge harç edilen hakyky harajatlaryň geçirilen wagtynda aýrylyp bilner. Wagtlaýyn tapawut borçnamanyň balans gymmaty bilen adatça nola deň bolan salgyt özeniniň arasynda bolýar. Şunuň ýaly aýrylýan wagtlaýyn tapawut gaýra goýlan salgyt aktiwinde aňladylýar, sebäbi, ykdysady peýdalar

kärhana salgyt maksatlary üçin hasaba alynýan çykdajylar amala aşyrylanda salgyt salynýan peýdadan aýyrmak görnüşinde gelip gowşar;

b) barlaglar üçin harajatlar olaryň ýüze çykan döwründe buhgalterçilik peýda kesgitlenende çykdajylar hökmünde ykrar edilýär, ýöne salgyt salynýan peýda (salgyt ýitgisi) kesgitlenende has soňraky döwre çenli olary aýyrmaga rugsat berilmän bilner. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda, geljekki döwürde aýrylýan pul möçberinden ybarat bolan, barlaglar üçin harajatlaryň salgyt özeni bilen nola deň bolan balans gymmatynyň arasyndaky tapawut aýrylýan wagtlaýyn tapawut bolup durýar, ol bolsa gaýra goýlan salgyt aktiwiniň döremegine getirýär;

ç) belli bir aktiwler adalatly gymmaty boýunça hasaba alnyp ýa-da olara salgyt salmak maksatlary üçin ekwiwalent düzedişleri geçirmezden gaýtadan baha berlip bilner. Eger aktiwiň salgyt özeni onuň balans gymmatyndan ýokary bolsa, aýrylýan wagtlaýyn tapawut peýda bolýar.

17. Aýrylýan wagtlaýyn tapawudyň dikeldilmegi geljek döwürlerde salgyt salynýan peýdanyň azalmagynda aňladylýar. Emma kärhana, diňe onuň ondan aýyrmalar geçirip boljak ýeterlik salgyt salynýan peýdany gazanyp bilen ýagdaýynda, salgyt tölegleriniň azalmagy görnüşinde ykdysady peýdalary alar. Şeýlelikde, kärhana gaýra goýlan salgyt aktiwlerini diňe oňa degişilikde aýrylýan wagtlaýyn tapawutlarynyň peýdalanylyp bilinjek salgyt salynýan peýdany almak ähtimallygy bolan wagtynda ykrar edýär.

18. Kärhanada onuň ýerine aýrylýan wagtlaýyn tapawutlarynyň peýdalanylyp bilinjek salgyt salynýan peýdanyň bolmak ähtimallygy şol bir salgyt edarasyna we şol bir salgyt salynýan edara görnüşli tarapa degişli bolan ýeterlik salgyt salynýan wagtlaýyn tapawutlar bolanda bar bolýar, olary:

a) aýrylan wagtlaýyn tapawudyň dikeldilmegi göz öňünde tutulýan döwürde; ýa-da

b) gaýra goýlan salgyt aktiwinden ýüze çykýan salgyt ýitgisiniň geçen ýa-da geljek döwürlere geçirilip bilinjek döwürlerinde dikeltmek göz öňünde tutulýar.

19. Şol bir salgyt edarasyna we şol bir salgyt salynýan edara görnüşli tarapa degişli bolan ýeterlik bolmadyk salgyt salynýan wagtlaýyn tapawutlar bolanda gaýra goýlan salgyt aktiwi aýrylýan wagtlaýyn tapawutlarynyň dikeldilýän döwründe (ýa-da gaýra golan salgyt aktiwinden ýüze çykýan salgyt ýitgisiniň geçen ýa-da geljek döwürlere geçirilip biljek döwürlerinde) şol bir salgyt edarasy we şol bir salgyt salynýan edara görnüşli tarap bilen baglanyşykly kärhanada ýeterlik salgyt salynýan peýdanyň bolup biljek derejesinde ykrar edilýär. Geljek döwürlerde salgyt salynýan peýdanyň ýeterlik boljakdygyna baha berlende kärhana geljek döwürlerde peýda bolmagyna garaşylýan wagtlaýyn tapawutlaryndan aýyrmalardan emele gelýän salgyt salynýan pul möçberlerini hasaba almaýar, sebäbi, döwürleýin ýüze çykýan aýrylýan tapawutlardan emele gelýän gaýra goýlan salgyt aktiwi öz-özünden özüniň peýdalanylmagy üçin geljekki salgyt salynýan peýdany talap eder.

20. Aktiw ilkibaşda ykrar edilende gaýra goýlan salgyt aktiwiniň ýüze çykýan halatlarynyň biri hem aktiwe degişli bolan, onuň balans gymmaty

hasaplananda aýrylýan, ýöne salgyt salmak maksatlary üçin aktiwiň ulanyş tutumy alynýan gymmatyndan (başga sözler bilen aýdylanda, onuň salgyt özeninden) aýrylmaýan, salgyt salynmaýan döwlet subsidiýasy bolup durýar, aktiwiň balans gymmaty onuň salgyt özeninden azdyr, bu bolsa aýrylýan wagtlaýyn tapawutny döredýär.

21. Döwlet subsidiýalary gaýra goýlan girdeji hökmünde hem görkezilip bilner, şeýle ýagdaýda gaýra goýlan girdeji bilen onuň nola deň bolan salgyt özeniniň arasyndaky tapawut aýrylýan wagtlaýyn tapawut bolup durýar. Kärhana maglumatlary görkezmegiň haýsy usulyny saýlap alanda hem ol peýda bolýan gaýra goýlan salgyt aktiwini ykrar etmeýär. Gaýra goýlan salgyt aktiwi geljek döwürlere geçirilen peýdalanylmadyk salgyt ýitgileri üçin geljekde kärhanada onuň ýerine bu peýdalanylmadyk salgyt ýitgileriniň peýdalanyp bilinjek salgyt salynýan peýdasynyň bolup biljek derejesinde ykrar edilmelidir.

22. Peýdalanylmadyk salgyt ýitgilerini geljek döwürlere geçirmegiň netijesinde ýüze çykýan gaýra goýlan salgyt aktiwlerini ykrar etmek üçin aýrylýan wagtlaýyn tapawutlarynyň netijesinde peýda bolýan gaýra goýlan salgyt aktiwlerini ykrar etmek üçin ulanylan ölçegler ulanylýar. Emma peýdalanylmadyk salgyt ýitgileriniň bolmagy geljekki salgyt salynýan peýdanyň bolman hem biljekdiginiň degerli subutnamasy bolup durýar.

23. Şeýlelikde, kärhanada geçen döwürleriň hasaba alynmadyk ýitgileri bar bolsa, ol peýdalanylmadyk salgyt ýitgilerinden ýa-da salgydyň tölenmeli möhletiniň peýdalanylmadyk, soňa süýşürilmeginden ýüze çykýan gaýra goýlan salgyt aktiwini diňe ýeterlik salgyt salynýan wagtlaýyn tapawutlarynyň bar bolan derejesinde ýa-da onuň ýerine özüniň peýdalanylmadyk salgyt ýitgisini peýdalanyp biljek ýeterlik salgyt salynýan peýdany aljakdygyna beýleki ynamdar subutnamalaryň bar bolan derejesinde ykrar edýär. Şeýle ýagdaýlarda gaýra goýlan salgyt aktiwiniň pul möçberiniň we onuň ykrar edilmegini tassyklaýan subutnamanyň häsiýetiniň açylmagy talap edilýär.

24. Onuň ýerine peýdalanylmadyk salgyt ýitgisiniň ýa-da salgydyň tölenmeli möhletiniň peýdalanylmadyk, soňa süýşürilmegini peýdalanyp biljek salgyt salynýan peýdanyň bolmak ähtimallygyna baha berlende kärhana şu şertleriň ýerine ýetirilişine seredýär:

a) kärhanada şol bir salgyt edarasyna we salgyt salynýan şol bir edara görnüşli tarapa degişli bolan salgyt salynýan wagtlaýyn tapawutlarynyň ýeterlik mukdarynyň bolmagy, bu olar babatynda peýdalanylmadyk salgyt ýitgileriniň we peýdalanylmadyk salgyt karzlarynyň olaryň hereket edýän möhleti tamamlanmazyndan öň ýerlenip bilinjek salgyt salynýan pul möçberlerinde aňladylar;

b) kärhanada peýdalanylmadyk salgyt ýitgileriniň ýa-da salgydyň tölenmeli möhletiniň peýdalanylmadyk soňa süýşürilmeginiň hereket edýän möhleti tamamlanmazyndan öň salgyt salynýan peýdanyň boljakdygynyň ähtimallygyna;

ç) peýdalanylmadyk salgyt ýitgileriniň anyklanyp bilinjek we gaýtalanmazlygy mümkin bolan sebäpler boýunça ýüze çykýandygyna; we

d) kärhanada peýdalanylmadyk salgyt ýitgileriniň ýa-da salgyt ýeňiliklериniň ýerlenip bilinjek döwründe salgyt salynýan peýdany döretjek salgytlary meýilnamalaşdyrmak mümkinçilikleriniň bardygyna.

25. Kärhananyň oňa degişlilikde peýdalanylmadyk salgyt ýitgileriniň ýa-da salgyt ýeňilliklerиniň ýerlenip bilinjek, ýeterlik salgyt salynan peýdasynyň bolmazlygynyň ähtimal bolan derejesinde gaýra goýlan salgyt aktiwi ykrar edilmeýär.

**Ykrar edilmedik gaýra goýlan salgyt aktiwlerine gaýtadan baha bermek**

26. Kärhana ykrar edilmedik gaýra goýlan salgyt aktiwlerine her bir hasabat senesinde gaýtadan baha berýär. Ol ozal ykrar edilen gaýra goýlan salgyt aktiwlerini özüniň geljekki salgyt salynýan peýdasynyň bu gaýra goýlan salgyt aktiwini dikeltmäge mümkinçilik berýän ähtimallygyň peýda bolan derejesinde ykrar edýär. Mysal üçin, täjirçilik şertleriniň gowulanmagy kärhananyň geljekde gaýra goýlan salgyt aktiwiniň şu standartda bellenen ykrar etmek ölçeglerine laýyk gelmegi üçin ýeterlik salgyt salynýan peýdany öndürip bilmek ähtimallygyny ýokarlandyryp biler.

## GÜNDELIK WE GAÝRA GOÝLAN SALGYDA BAHA BERMEK WE ONY YKRAR ETMEK

27. Häzirki we oňki döwürler üçin gündelik salgyt borçnamalaryna (talaplaryna) hasabat senesindäki ýagdaýa görä hereket eden Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt möçberlerini peýdalanmak bilen, tölenmegi ýa-da öweziniň dolunmagy göz öňünde tutulýan pul möçberinde baha berilmelidir.

28. Gaýra goýlan salgyt aktiwlerine we borçnamalaryna hasabat senesindäki ýagdaýa görä hereket edýän Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt möçberleriniň esasynda, aktiwiň ýerlenýän ýa-da borçnamanyň üzülýän döwrüne çenli ulanylmagy göz öňünde tutulýan salgyt möçberleri boýunça baha berilmelidir.

29. Gündelik we gaýra goýlan salgyt aktiwlerine we borçnamalaryna adatça, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda hereket edýän salgyt möçberleriniň kömegi bilen baha berilýär.

30. Gaýra goýlan salgyt borçnamalaryna we gaýra goýlan salgyt aktiwlerine berilýän baha kärhananyň hasabat senesindäki ýagdaýa görä, öz aktiwleriniň ýa-da borçnamalarynyň balans gymmatynyň öwezini dolýan ýa-da üzýän usulyna baglylykda ýüze çykyp biljek salgyt ýeňilliklerini görkezmelidir.

31. Gaýra goýlan salgyt aktiwleri we borçnamalary diskontirlenmeli däldir.

32. Gaýra goýlan salgyt aktiwiniň balans gymmatyna her bir hasabat senesindäki ýagdaýa görä gaýtadan seredilmelidir. Kärhana bu gaýra goýlan salgyt aktiwiniň balans gymmatyny bu gaýra goýlan salgyt aktiwiniň bir böleginden ýa-da ähli möçberinden alynýan peýdany ýerlemäge mümkinçilik

berýän ýeterlik salgyt salynýan peýdanyň alynmagynyň ähtimal bolmadyk derejesinde azaltmalydyr. Şunuň ýaly islendik azaltma ýeterlik salgyt salynýan peýdanyň alynmagynyň ähtimal bolan derejesinde dikeldilmelidir.

33. Gündelik we gaýra goýlan salgytlar girdeji ýa-da çykdajy hökmünde ykrar edilmelidir hem-de döwrüň peýdasyna ýa-da ýitgisine goşulmalydyr, salgydyň:

a) şol döwürde ýa-da beýleki döwürde gönüden-göni maýanyň hasabynda ykrar edilýän amaldan ýa-da wakadan;

b) kärhanalary birleşdirmekden gelip çykýan pul möçberleri muňa girmeýär.

34. Gündelik we gaýra goýlan salgyt, eger salgyt şol döwürde ýa-da beýleki döwürde gönüden-göni maýanyň hasabynda kreditde ýa-da debetde görkezilýän maddalara degişli bolsa, gönüden-göni maýanyň hasabyna debetlenmelidir we kreditlenmelidir. Şunuň ýaly maddalaryň mysaly şular bolup durýar:

a) esasy serişdelere gaýtadan baha bermegiň netijesinde ýüze çykýan balans gymmatynyň üýtgemegi;

b) gaýdymlaýyn ulanylýan hasaba alyş syýasatynyň üýtgemeginiň netijesinde ýa-da ýalňyşlary düzetmegiň netijesinde ýüze çykýan, paýlanmadyk peýdanyň başlangyç tapawudyna düzediş girizmek.

35. Aktiwe salgyt salmak maksatlary üçin gaýtadan baha berlende we bu gaýtadan baha bermek has irki döwrüň buhgalterçilik gaýtadan baha berilmegi bilen ýa-da geljek döwrüň göz öňünde tutulýan gaýtadan baha berilmegi bilen baglanyşykly bolsa, aktiwe gaýtadan baha bermegiň, şeýle hem salgyt özenine düzediş girizmegiň salgyt täsiri olaryň amala aşyrylan senesinde maýanyň hasabyna kreditlenmelidir ýa-da debetlenmelidir.

36. Emma, eger salgyt salmak maksatlary üçin gaýtadan baha bermek has irki döwrüň buhgalterçilik gaýtadan baha berilmegi bilen ýa-da geljek döwrüň göz öňünde tutulýan gaýtadan baha berilmegi bilen baglanyşykly bolmasa, salgyt özenine düzediş girizmegiň salgyt täsiri jemi peýda barada hasabatda ykrar edilýär. Gündelik salgyt aktiwleriniň we borçnamalarynyň aýratyn ykrar edilýändigine we olara aýratynlykda baha berilýändigine garamazdan, balansda olar özara hasap edilýär. Kärhana gündelik salgyt aktiwleriniň we gündelik salgyt borçnamalarynyň özara hasaplaşygyny diňe şu ýagdaýlarda geçirmelidir, eger onuň:

a) ykrar edilen pul möçberlerini hasap etmek üçin ýuridik taýdan berkidilen hukugy bar bolsa; we

b) garşylyklaýyn talaplary hasap etmek ýoly bilen hasaplaşyk geçirmek ýa-da bir wagtda aktiwi ýerlemek we borçnamany ýerine ýetirmek maksady bolanda.

37. Düzgün bolşy ýaly, şol bir salgyt edarasy tarapyndan alynýan, peýdadan alynýan salgyda degişli bolanda gündelik salgyt borçnamasynyň ýerine kärhananyň ykrar edilen pul möçberlerini hasap etmek üçin ýuridik taýdan berkidilen hukugy bolar.

38. Eger kärhananyň bir bitewi arassa tölegi geçirmek ýa-da almak üçin ýa-da bir wagtda aktiwiň öwezini dolmaga we borçnamany üzmäge ýuridik taýdan berkidilen hukugy bar bolsa, jebislendirilen maliýe hasabatlylygynda topardaky bir kärhananyň gündelik salgyt aktiwi topardaky beýleki bir kärhananyň gündelik salgyt borçnamasynyň ýerine hasap edilýär.

39. Şeýlelikde, kärhana gaýra goýlan salgyt aktiwleriniň we gaýra goýlan salgyt borçnamalarynyň özara hasaplaşygyny diňe şu ýagdaýlarda geçirmelidir:

a) kärhananyň gündelik salgyt aktiwlerini gündelik salgyt borçnamalarynyň ýerine hasap etmek üçin ýuridik taýdan berkidilen hukugy bar bolsa; we

b) gündelik salgyt aktiwleri we gündelik salgyt borçnamalary şol bir salgyt edarasy tarapyndan:

şol bir salgyt salynýan edara görnüşli tarapdan; ýa-da

gündelik salgyt borçnamalaryny we talaplaryny netto esasynda üzmek ýa-da gaýra goýlan salgyt borçnamalarynyň we talaplarynyň üzülmegi ýa-da olaryň ep-esli böleginiň öweziniň dolunmagy göz öňünde tutulýan her bir döwründe, bir wagtda aktiwleri ýerlemek we borçnamalary üzmek maksady bolan salgyt salynýan dürli edara görnüşli taraplardan alynýan, peýdadan alynýan salgyda degişli bolsa.

40. Adaty işden alynýan peýda ýa-da ýitgi bilen baglanyşykly, peýdadan alynýan salgyt boýunça çykdajylar (girdejiler) gönüden-göni jemi peýda barada hasabatda berilmelidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

41. Peýdadan alynýan salgyt boýunça çykdajynyň (girdejiniň) esasy bölekleri aýratynlykda açylmalydyr. Peýdadan alynýan salgyt boýunça çykdajynyň (girdejiniň) bölekleri şulary öz içine alyp biler:

a) gündelik salgyt boýunça çykdajyny (girdejini);

b) şu döwürde ykrar edilen, geçen döwürleriň gündelik salgydyna girizilen islendik düzedişleri;

ç) wagtlaýyn tapawutlarynyň emele gelmegi we dikeldilmegi bilen baglanyşykly gaýra goýlan çykdajynyň (girdejiniň) pul möçberini;

d) salgyt möçberlerindäki üýtgemeler ýa-da täze möçberleriň girizilmegi bilen baglanyşykly gaýra goýlan çykdajynyň (girdejiniň) pul möçberini;

e) ozal ykrar edilmedik salgyt ýitgisinden, salgydyň tölenmeli möhletiniň soňa süýşürilmeginden ýa-da geçen döwrüň wagtlaýyn tapawudyndan ýüze çykýan, peýdanyň pul möçberini, olar gündelik salgyt boýunça çykdajyny azaltmak üçin peýdalanylýar;

ä) ozal ykrar edilmedik salgyt ýitgisinden, salgydyň tölenmeli möhletiniň soňa süýşürilmeginden ýa-da geçen döwrüň wagtlaýyn tapawudyndan alnan peýdanyň pul möçberini, olar gaýra goýlan salgyt boýunça çykdajyny azaltmak üçin peýdalanylýar.

42. Aşakda getirilýän maglumatlar hem aýratynlykda açylmalydyr:

a) gündelik we gaýra goýlan salgydyň maýanyň hasabyna debetlenýän ýa-da kreditlenýän maddalara degişli bolan umumy pul möçberi;

b) salgyt boýunça çykdajy (girdeji) bilen buhgalterçilik peýdanyň arasyndaky özara baglanyşygy salgyt boýunça çykdajy (salgydyň öwezini dolmak) bilen buhgalterçilik peýdanyň hem-de ulanylýan salgyt möçberiniň (möçberleriniň) jeminiň arasyndaky san bilen deňeşdirmede düşündiriş, ulanylýan salgyt möçberi (möçberleri) haýsy usulyň kömegi bilen hasaplanan bolsa, şol usuly açyp görkezmek bilen;

ç) geçen hasaba alyş döwri bilen deňeşdirilende ulanylýan salgyt möçberindäki (möçberlerindäki) üýtgetmeleriň düşündirişi;

d) wagtlaýyn tapawutlarynyň her bir görnüşi babatynda we peýdalanylmadyk salgyt ýitgileriniň we salgydyň tölenmeli möhletiniň peýdalanylmadyk soňa süýşürilmeginiň her bir görnüşi babatynda: hasabat berilýän her bir döwür üçin maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen gaýra goýlan salgyt aktiwleriniň we borçnamalarynyň pul möçberi; şeýle hem, eger ol maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen pul möçberlerindäki üýtgemelerden aýdyň görünmeýän bolsa, peýdada ýa-da ýitgide ykrar edilen gaýra goýlan girdejiniň ýa-da çykdajynyň pul möçberi.

43. Kärhana gaýra goýlan salgyt aktiwiniň pul möçberini we ony ykrar etmek üçin goldawyň subutnamasynyň häsiýetini şu ýagdaýlarda açyp görkezmelidir:

a) gaýra goýlan degişli salgyt aktiwiniň ýerlenmegi bar bolan salgyt salynýan wagtlaýyn tapawutlarynyň dikeldilmeginiň netijesinde ýüze çykýan peýdadan ýokary bolan geljekki salgyt salynýan peýda bagly bolanda;

b) we gaýra goýlan degişli salgyt aktiwiniň degişli bolan salgyt ýurisdiksiýasynda häzirki ýa-da geçen döwürde ýitgi çekýän bolsa.

44. Maglumatlary açmak maliýe hasabatlylygyndan peýdalanyjylara salgyt boýunça çykdajy (salgydyň öwezini dolmak) bilen buhgalterçilik peýdasynyň arasyndaky baglanyşygyň adaty däl bolup durýandygyna düşünmäge we geljekde oňa täsir edip biljek möhüm ýagdaýlara düşünmäge mümkinçilik berýär. Salgyt boýunça çykdajy (salgydyň öwezini dolmak) bilen buhgalterçilik peýdasynyň arasyndaky gatnaşyk salgyt salmakdan boşadylan düşewünt, salgyt salynýan peýda (salgyt ýitgisi) kesgitlenende aýrylýan çykdajylar, salgyt ýitgileriniň täsiri we daşary ýurt salgyt möçberleriniň täsiri ýaly ýagdaýlaryň täsiri astynda bolup biler.

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

45. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

## Goşundy

Şu standart maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 12 „Peýdadan alynýan salgytlar“ (IAS 2009) laýyklykda işlenip taýýarlandy, şu aşakdakylardan başgasy:

käbir bölümlere olaryň has-da düşnükli bolmagy üçin düzediş girizildi;

golçur kärhanalara, şahamçalara we assosirlenen kärhanalara maýa goýumlary we bilelikdäki işe gatnaşma paýlary bilen baglanyşykly salgyt salynýan wagtlaýyn tapawutlaryna degişli düzgünler aýryldy;

gudwil babatyndaky wagtlaýyn tapawutlaryna degişli düzgünler aýryldy;

ýokarda görkezilen aýyrmalar bilen baglanyşykly, maglumatlary açmaga bildirilýän käbir talaplar aýryldy.